# Yşk heseri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yşk heseri YŞK HESERI



Gujagña gys, bagryña bas, janym al,
Süleýman deý dursam söýenip sana.
Ýaz demi deý bijanlary jadylan,
Lebiń, demiñ bile jan üfle maña.
Bu ahwaldan heder etsin söýmedik,
Bu heser ne ýeser, kim yza teser.
Derdime düşünmez yşka köýmedik,
Yşk derdi ýaşadýan, ýaş edýän kesel.

Agladaram, güldürerem birbada,
«Aglap gülenden gork» diýleni kylar.
Ýapraga meñzärsiñ duşup girdaba,
Akmaga meñzärsiñ sygman akyla.

Ereder, gaýnadar, eder etjegin,
Otdan suwa salyp uzadar çarha.
Synagna goýbermez heder etjegi,
Synagyndan geçseñ, tarhansyñ, tarhan.

Synagdan, gynagdan etmän howatyr,
Çyn aşyklar çyny bilen söýýärler.

Sen gereksiñ her demimde howa deý,
Senem maña mätäçlige taýýarlan.

Kerwen IGDIROW,
Daşoguz welaýatynyñ Akdepe etrabynyñ 74-nji orta mekdebiniñ mugallymy. Goşgular